***Gözlerimiziň röwşeni, başymyzyň täji Türkmenistan Watanymyzyň hemişelik Bitaraplygynyň dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilmeginiň şanly 30 ýyllygynyň bellenilýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 4-8-nji awgusty aralygynda owazasy dünýä dolan Awazada Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahaty geçiriler. Ýokary guramaçylyk derejesinde geçiriljek BMG-niň bu iri wekilçilikli maslahatynyň dünýäniň iň abraýly halkara guramasy bolan Birleşen Milletler Guramasynyň döredilmeginiň 80 ýyllygynyň bellenilýän ýylynda Bitarap döwletimizde geçirilmegi çuňňur many-mazmuna eýedir.***

Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar 4 yklymda ýerleşýän Ýer ýüzüniň 7 göteriminden gowragyny tutýan 570 million ilatly ummanlara ýa-da deňizlere gönümel çykalgasy bolmadyk özbaşdak döwletlerdir. Şeýle döwletler geografik taýdan ýerleşişi sebäpli, köplenç, söwda, logistika we ykdysady ösüş babatda kynçylyklar bilen ýüzbe-ýüz bolýar. Her 10 ýyldan bir gezek geçirilýän BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça halkara maslahatlary şol kynçylyklary ýeňip geçmek üçin hyzmatdaşlygy berkitmek maksadyndan ugur alýar. Awazada geçiriljek BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji halkara maslahatyna dünýäniň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlarynyň 32-siniň, kiçi ada döwletleriniň 47-siniň we az ösen ýurtlarynyň 49-synyň wekilleriniň gatnaşmagyna garaşylýar.

Halkara maslahatynda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň gülläp ösmeginde düzümleýin özgerişleriň, diwersifikasiýanyň, ylmyň, tehnologiýalaryň we innowasiýalaryň ähmiýetine, söwda we sebitara hyzmatdaşlyga, howanyň üýtgemeginiň hem-de tebigy hadysalaryň ýaramaz netijelerine garşy göreşmegiň ýollaryna, durnukly ulag ulgamlarynyň döredilmegine, mümkinçilikleriň işjeňleşdirilmegine we halkara hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine bagyşlanan ýokary derejedäki tegelek stollary geçirmek meýilleşdirilýär.

**Yslamberdi TYLLANUROW,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026